# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksine üýtgetme girizmek hakynda

I. 2015-nji ýylyň 18-nji awgustynda Türkmenistanyň Kanuny bilen tassyklanan Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2015 ý., № 3, 94-nji madda; 2017 ý., № 1, 28-nji madda, № 4, 142-nji madda; 2018 ý., № 4, 109-njy madda; 2020 ý., № 4, 80-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2021 ý., № 4, 146-njy madda; 2022 ý., № 1-2, 27-nji madda) 80-nji maddasynyň birinji böleginiň 5-nji bendini şu görnüşde beýan etmeli:

«5) Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy – maýa goýuma gönükdirilen serişdeleri bilen bagly emele gelen bergilerini töletdirmek hakynda, Pensiýa gaznasynyň ýerli edaralary – ätiýaçlandyrýanyň pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça bergilerini emläginiň hasabyna töletdirip almak hakynda hem-de pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň artyk tölenen möçberlerini tutup almak hakynda hak islegleri boýunça;».

II. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden herekete girizilýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Serdar Berdimuhamedow**

*Aşgabat şäheri.*
*2022-nji ýylyň 24-nji iýuly.*
*№ 493-VI.*